# Saddam, Kaddafi, Aly Salyh, Hariri

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Saddam, Kaddafi, Aly Salyh, Hariri SADDAM, KADDAFI, ALY SALYH, HARIRI




*Şol uzyn oteliñ eýwanyndaky ýatlamalar gijesi hasam uzady, emma bu ýerde gije «aýdylan» hemme zady gürrüñ bermäge wagtymyz ýetenok.*

**Ol çiliminiñ burugsap duran tüssesini üfläp durşuna şeýle diýdi:**

«Size syr satyjylaryñ heniz satmadyk bir syryny aýdyp bereýin. Bir gün meniñ ýanyma Jemgyýetçilik howpsuzlygy uprawleniýesiniñ müdiri geldi. Ol Homeýniniñ Yrakdaky guýruklarynyñ gozgalañ turuzma howpunyñ bardygyny, munuñ myhmansöýüjiligiñ şertlerine gabat gelmeýändigini, olaryñ meçew bermekden gaýra durmaýandyklaryny aýtdy. Öñünde durmasy kyn zyýaratçylary saklamak we olaryñ ömür tanapyny bir gezekde hemişelik ýolmak üçin sagdyn meýilnama işläp düzmegi teklip etdi. Gizlinlik bilen Eýrana bakan ýola çykandygyny ýa-da Eýranyñ «SAWAK» howpsuzlyk gullugynyñ ony ele salmagy başarandygyny aýdyp, ony çölde hiç kimiñ bilmeýän ýerinde gizläp biljegimizi-de sözlerine goşdy.
Men oña seretdim we şeýle diýdim: «Yragyñ myhmanlaryna hyýanat edendiginiñ taryha girmegini isleýärsiñmi?» Müdir aljyrap näme diýjegini bilmedi, ötünç sorap gözden ýitdi we soñra boljak

işler boldy».

**Ol yzyndan sözlerini şeýle dowam etdirdi:**

«Bir ýyldan soñ ýokary düzümli bir howpsuzlyk işgäri ýanyma geldi. Jelal Talabanidir Mesut Barzaniniñ ýurduñ demirgazygyny Yrak üçin tikenege dönderendigini, olaryñ ikisini-de Bagdada getirip, zäherlemek ýa-da başga bir ýol arkaly halas bolmak üçin amatly pursat teklip edýändigini aýtdy. Gahar bilen jogap berdim: Ikisinem jynym alanok, ýöne Bagdat meniñ öýüm. Öz öýümde birini gapana düşürendigimiñ gepiniñ edilmegini isleýärsiñizmi?»




Uzakdaky otelde düşlän adam üçin bu gije adaty gijeleriñ biri däldi. Ekranlaryñ şol günleri täzeden ýat etjegini bilýärdi. Heýkelini amerikan bronemaşynynyñ tros bilen çekip ýykyşynyñ,

Jorj Buşuñ özüni çukurdan tapyp almagynyñ, boýnuna ýüp salnyşynyñ wideoýazgylarynyñ gaýtadan ýaýlyma beriljekdigini bilip durdy.
Şonuñ üçin ýatlamalar ummanyna çümmek üçin oteliñ eýwanynda çetiräk ýere çekildi.
Birdenkä Muammar Kaddafi, Ali Abdylla Salih, Refik Hariri dagy peýda boldy. Ol ajy ýylgyrdy. Megerem bular oña göwünlik bermäge gelipdiler.
Ol gamgyn ýa-da lapykeç halda däldi. «Duşmanyñyzyñ sizi öldürmegine päsgel berip bilmeýän bolsañyz, iñ bolmanda onuñ sizi pese düşürjek bolma mümkinçiliginden mahrum edip jezalandyryñ» diýip pikir etdi.
**Ol gelenleri garşy aldy, gelendikleri üçin minnetdarlyk bildirdi we şeýle diýdi:**
«Hiç bir lider öz takdyryny özi saýlap almaýar. Onuñ özi takdyrynda näme ýazylan bolsa, şonuñ üstünden barýar. Men türkana däl. Men adamlary aýna gyýçaklarynyñ üstünde ýöreýän çarkandakly taryhyñ ogly. Ölümimiñ meni toýnuk gurap barýan ýyllaryñ yzyndan ýa-da oslagsyz ýagdaýda ýüregagyry bilen almagyna garaşamokdym. Takdyr ölümimiñ ýaşan ömrüme meñzeş bolmagyny, duşmanlarymyñ ýüzünde partlan gülle bolmagymy isleýärdi».


Ali Salyh eşidýän zatlaryna geň galmady. Kaddafiniň belli bir derejede görübilmezçilik duýgusy oýandy we Saddam Hüseýiniň Homeýni hakdaky sözleriniň oňa Ymam Musa es-Sadra kesgitlän takdyryny ýatlatmak üçin bilgeşleýin ümleme bolmasyndan gorkdy.
Hernä nägilelik bildirme pikirinden el çekdi. Hariri Saddam maşgalasynyň we halkynyň çeken horlugyndan sapak almandyr diýen netijä geldi, ýöne ýüzüni üýtgetmedi.
**Saddam sözüni dowam etdirdi:**
«Eýran bilen Bagdadyň köçelerinde uruşmajak bolup araçäkde uruşdym. Onuň taryhyň hasaplaryny görmäge taýýarlanandygyny bilýärdim. Paul Bremeriň we Kasym Süleýmanynyň goltugyndan çykan adamlaryň garpyşygyna sahna bolan Yraga näme bolandygyny gördüňizmi?
Döwlet howpsuzlygy uprawleniýesiniň müdiriniň maslahatyny ret edendigime puşman edemok. Soňky hökümi taryh sudunyň öz ygtyýaryna goýýaryn. Ýeri gelende, Kuweýti okkupirlemegi inkär etmedigimi-de aýdaýyn. Iň ýakynymdaky adamlar maňa meçew berdi, menem soňuny saýman gapyl hereket etdim. Güýç duýgusy serhoşlugyň iň ýamanydyr. Belki-de, köne saman sowrup bar aýbymyzy açaýmasyn diýip meni ölüme höküm etmäge gyssandylar. Başyma gelenlere geň galmadym. Uruşdym, öldürdim, öldürildim. Aly gardaş, käbir tapawutlaryň bardygyna garamazdan, seniňem üçinem şeýle bolandygyny aýdyp biljek. Muammar gardaş, ýagdaý seniň üçinem şeýle. Emma Refik Haririniň günäsi näme boldy-da öldürildi? Ol Beýrutyň jaýlaryny abatlapdy we şäheri urşuň weýrançylygyndan halas edipdi.
Süleýmanynyň has soňra Bagdatda edişi ýaly Gazy Kenanyň we Rüstem Gazalynyň prezidentlerini we hökümetleri bellän döwründe gülleler bilen däl-de, parahatçylykly ýollar bilen ýurduň öz ykbalyny özi kesgitleme mehanizmini we hökmürowanlygyny gaýdyp almagyň gamyny iýdi».
**Aly Salyh şeýle diýdi:**
«Dogry. Uruşdym, öldürdim, öldürildim. Emma meni öldürenler Ýemeni-de öldürdi. Halka, döwlete, döwletiň özbaşdaklygyna, öz ykbalyny özi kesgitleme mehanizmlerine eden ýamanlyklaryna bir serediň-ä. Ýemen şonsuzam-a ýaşar ýaly ýurt däldi. Geografiýasy kötelli, taryhy belentli-pesli. Elimde bomba saklap duran ýaly ýurdy dolandyrdym. Manýowrlar etdim, konfliktleri gijikdirdim, uruşdym, ýaraşdym. Ýöne bularyň barsyndan jebislik orta çykardym we şony-da gorap sakladym.

Meni tä çakýança ýylanlaryň üstünde tans etdim. Meniň ýurdum üçin edenlerim bilen husileriň ýurdumyza edenlerini deňeşdirmegi taryhyň öz ygtyýaryna goýýaryn».

**Yzyndan Kaddafi gürledi:**

Rejimiňi öldüren we seniň öldürülmegiňe ýardam eden amerikanlar ençeme ýyl öň meni-de öldürmäge synanşypdylar. Istrebitelleri ýatýan otagyma çenli geldi peläketleriň. Dar agajynyň ýüpünde hallan atan meýdiňi gören günüm gorkandygymy senden gizläp bilmerin. Saňa bolan az-kem görübilmezçiligimiň bardygyny-da gizlämok.

Egilmän, bükülmän maňlaýyňda ýazylana bakan başyňy dik tutup ýörediň. Seni öldürenleri gözüňde ýaş görme begenjinden mahrum etdim. Menden öýkelidigiňi bilýän, öň ötünç soramadygam bolsam, şumat senden ötünç soraýaryn. Eýranyň Bagdada atan birinji raketasynyň biziň ammarlarymyzydandygy ýadyma düşüp dur.

Aslynda Eýrana raketa iberme babatda Abdyssalam Jalud ýaly höwesli-de däldim welin, gaflatyň ýesiri boldum-da. Bular biziň takdyrymyz. Menem uruşdym, öldürdim, öldürildim.

Başdan geçirmelerim zulum edenlerim we çagalarym diýýän adamlar tarapyndan öldürilmegim bilen soňlandy. Meniň maşgalamam agyr betbagtçylygy başdan geçirdi, çagalarymy mazarlaryň, göztussag saklanýan merkezleriň we gizlin tussaghanalaryň arasynda paýlaşdyrdym».

**Hariri ajy gülümsiräp, şeýle diýdi:**

«Aýyplaşmaň welin, siziňki ýaly doly ýa-da çylşyrymly geçmişim-ä ýok. Ne uruşdym, ne öldürdim, ýöne şonda-da öldürildim. Palestinaly lider Wedi Haddad bilen başdan geçirmelerim arap identiçnosty babatda erjel ýaş ýigidiň ömrüniň bary-ýogy gysgajyk bölüminden ybarat. Men saýlawlar bilen häkimiýete geldim. Ýolbaşçynyň edara binasyna öňki gapydan girdim. Haýsydyr bir öwrülişige ýa-da döwlet agdarlyşygyna öňbaşçylyk etmedim. Meni 1559-njy belgili karara goşulanym üçin günäkärleýärler. Ölümi däl-de, parahatçylykly ösüşiň pikirini edýän adaty ýurtda ýaşamagy niýetine düwen biri günäkär saýylmalymy? Bedenim Beýrut köçelerinde asmana sowruldy diýip gynanamok. Men Beýrut deňiz duralgasynyň, ruhunyň, many-maňzynyň asmana sowrulyşy ýaly asuda ýurdumyňam asmana uçup gidendigine gynanýaryn. Meniň bar günäm bombalary ýerleşdirenleriň sebäp bolan gijesinde çyra ýakmakdan aňry geçenok. Yragy weýran eden sarsgynyň meni-de ýurdum bile bile

düňderip taşlamagyna garaşmandym».
Şol uzyn oteliň eýwanyndaky ýatlamalar gijesi hasam uzady, emma bu ýerde gije «aýdylan» hemme zady gürrüň bermäge wagtymyz ýetenok.


kitapcy.ru

Gassan ŞERBIL,
«Şarku’l Avsat» gazetiniň baş redaktory.
Sişenbe, 21.03.2023 ý. Publisistika